# Agyrrak goşgy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Agyrrak goşgy AGYRRAK GOŞGY



Gidiljegne gynanamok,
Gitmelidir hemme kişi.

(Arkalawersin her bende,
Bolmanda altmyş, ýetmişi).
Gelip gitmeli dünýäniň,
Ýasalşy-da bir geňmişin.
Gitmän, görsek hol uruşda,
Milletçiligiň ýeňlişin.

Eşitsek, ýene jahanda,
Alysdaky gedem şanyň,
Har eden halkyndan gaçyp,
Zordan gutarşyny janyn.

Göräýsek, kirli dünýäden,
Sowlanny zulmuň, jenjeliň.
Hem aklyna aýlanyşyn,
Ters, tekepbir düşünjeliň.

Gidiljegne gynanamok,
Hemme gitmeli, ynanýan.
Arzuwlaň hasylyn görmän,
Gidilse, şoňa gynanýan.

2024 ý.

Geldimyrat SEÝIDOW. Goşgular